***Durmuş dowam edýär, wagt geçýär. Gyzyldan gymmatly wagtymyzy tygşytly peýdalanmak, ony peýdaly zatlara harçlamak ynsanyň esasy üns merkezinde saklanmaly meseleleriň biridir. Bu ýagdaý, esasan hem, ýaş nesiller babatda has-da zerurdyr. Aslynda, wagty nämelere sarp etmeli?***

**Zähmet çekmäge wagt tapyň**!

Işlemegiň soňy üstünlikdir, zähmetiň soňy rehnetdir. Döredijilikli hem-de yhlasly işlemek ýokary basgançaklara çykmagyň serişdesidir.

**Okamak üçin wagt tapyň**!

Ylym-bilimiň düýp özeni okamakdyr. Okamak arkaly ynsanyň ruhy dünýäsi baýlaşýar, dünýägaraýşy giňeýär, sözleýiş medeniýeti hem kämilleşýär.

**Dostluk üçin wagt tapyň**!

Ol wepadarlygyň, gowy gatnaşyklaryň, kyn gününde ýardam-goldawyň gözbaşydyr. Dostlukly gatnaşyklary saklamak birek-birege ynanyşmagyň, parahatçylygyň gözbaşydyr.

**Söýgi hem-de mähir üçin wagt tapyň**!

Bu gözel duýgular durmuşyň ynsana eçilen soňsuz baýlygydyr, bahasyna ýetip bolmajak peşgeşidir.

**Şatlanmak üçin wagt tapyň**!

Durmuşyň çarkandakly ýollaryndan üstünlikli geçmegiň, kynçylykly pursatlaryndan baş alyp çykmagyň, ruhubelent ýaşamagyň açarydyr. Şadyýan hem-de ruhubelent ýaşamak bolsa sagdyn ýaşaýşyň bölegidir.

**Saglyk üçin wagt tapyň**

Saglyk – bu ynsanyň depesindäki altyn täçdir. Ol ähli zadyň sakasydyr. Saglygyň gadryny hassa bolmazdan öň bilmek gerek, onuň üçinem sport bilen meşgullanmaklyga wagt tapmak gerek.

**Maşgalaňyz üçin wagt tapyň**!

Maşgala – bu biziň ýeke-täk çyn dostumyzdyr, daşymyzdaky galamyzdyr. Maşgala bizi

Все права защищены

durmuşyň islendik agyr pursatynda, kynçylykly ýagdaýlarda hem ýalňyz goýmajak kiçijik özboluşly döwletdir.

**Pikirlenmek üçin wagt tapyň**!

Oýlanmak – bu islendik işiň başlangyjydyr. Oýlanyşykly, pikirlenip ýerine ýetirilen her bir iş hökman degerli netije hem berýändir. Il arasynda “ýedi ölçäp, bir kes” diýlip ýönelige aýdylmaýar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены